# Emelsiz kişi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Emelsiz kişi EMELSIZ KIŞI



Men birini bilýän, emelsiz örän,
Diýdirýär: “Neresse, gara gün dörän”.
Bag ekse guraýar bagy,
Üflese ojakda öçýändir çogy.
Gülende gülküsi diýdirýär agy.
Ata münse at ürkýär,
Ýöreýşinden it gorkýar.
Keteginde towuklary kürk gezýär,
“Guzlaýmasyn” diýip, jeňňel gözleýär.
Aç molaýar sygyry.
Bu gün-erte düzelmez,
Eşeginiň ýagyry.
Gögermeýär ekini,
Melleginde tikeni.
Ýok öýünde çyrasy.
Maşgalany ekleýär,
Aýalynyň tarasy…

21.03.2024. Goşgular